# Ýeňiş güni

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýeňiş güni ÝEŇIŞ GÜNI



Ýeňiş güni, enem düşýär ýadyma,
Söwer ýara gözün dikip garaşan.
Juwan wagty urşa ýollap ýaryny,
Ýola bakan, gözlerine garasañ.
Görersiñ gözünde öçmän, alawlan,
Hakyky söýgüniñ öçmejek odun.
Ýigitlikde aldyrsa-da, ýaryny,
Garaşýar, gaýtalap ýarynyñ adyn.

Ýyllar gül ýüzüne, salypdyr gasyn,
Saçlaryna sepeläpdir, ak gary.
Enem bolsa,ýola dikip gözlerin,
Garaşýar, bir ýerden çykjak deý ýary.

Saklap ýar yzynda, öýün-ojagyn,
Hem bäbekkä, ýalňyz galan dikraryn.
Wepalylyk nusgasyna öwrülen,
Enem seň öňüňde, başym egýärin.

Juda gymmat düşen ýeňiş günüňi,
Desse güller bilen gutlaýyn menem.
Geljek nesillere, nusgalyk galan,
Enem, bu ýeňişde, haklysyň senem… Goşgular